#176 (198)
среда, 8 мая 2024 года

Интернет газета
Международные новости

Учредитель — Министерство иностранных дел Туркменистана



# TÜRKMENISTANYŇ MINISTRLER KABINETINIŇ GIŇIŞLEÝIN MEJLISI



**3-nji maýda hormatly Prezidentimiz Serdar Berdimuhamedow sanly ulgam arkaly Ministrler Kabinetiniň nobatdaky mejlisini geçirdi. Onda şu ýylyň geçen dört aýynda ykdysadyýetimiziň pudaklarynda alnyp barlan işleriň netijelerine seredildi, şeýle hem beýleki käbir meseleler ara alnyp maslahatlaşyldy.**

Ilki bilen, Mejlisiň Başlygy D.Gulmanowa çykyş edip, şu ýylyň ýanwar — aprel aýlarynda ýerine ýetirilen işleriň netijeleri barada maglumat berdi.

Hormatly Prezidentimiz Serdar Berdimuhamedow ýurdumyzda raýatlaryň kanuny bähbitlerini goramak, ykdysadyýetimiziň pudaklaryny ösdürmek, halkyň ýaşaýyş-durmuş derejesini ýokarlandyrmak bilen bagly kanun taslamalaryny taýýarlamaga hemişe aýratyn üns bermegiň wajypdygyny belledi. Daşary ýurt döwletleri bilen ýola goýlan hyzmatdaşlygy berkitmek arkaly parlamentara gatnaşyklary ilerletmäge möhüm ähmiýet bermegiň zerurdygy nygtaldy.

Ministrler Kabinetiniň Başlygynyň orunbasary H.Geldimyradow şu ýylyň dört aýynyň makroykdysady görkezijileri barada hasabat berip, jemi içerki önümiň 6,3 göterim artandygyny aýtdy.

Hormatly Prezidentimiz hasabaty diňläp, geçen dört aýyň jemleri boýunça gazanylan netijeleri mundan beýläk-de ýokarlandyrmak boýunça degişli işleri geçirmegi dowam etdirmegiň zerurdygyny belledi. Şunuň bilen birlikde, wise-premýere ýurdumyzyň ykdysady kuwwatyny berkitmek, ilatyň ýaşaýyş-durmuş derejesini has-da ýokarlandyrmak boýunça maksatnamalaýyn işleri netijeli alyp barmak tabşyryldy.

Ministrler Kabinetiniň Başlygynyň orunbasarlary B.Amanow, T.Atahallyýew, B.Annamämmedow, B.Atdaýew gözegçilik edýän ulgamlarynda 2024-nji ýylyň ýanwar — aprel aýlarynda ýerine ýetirilen işleriň netijeleri barada hasabat berdiler.

Soňra Ministrler Kabinetiniň Başlygynyň orunbasary M.Mämmedowa gözegçilik edýän ulgamynda şu ýylyň ýanwar — aprel aýlarynda ýerine ýetirilen işleriň netijeleri barada hasabat berdi.

Hormatly Prezidentimiz Serdar Berdimuhamedow hasabaty diňläp, beýik akyldar Magtymguly Pyragynyň doglan gününiň 300 ýyllygy mynasybetli çäreleriň ýurdumyzda we daşary döwletlerde giň gerimde geçirilýändigini belledi. Şeýle-de hormatly Prezidentimiz teatrlarda döwletimiziň içeri we daşary syýasatyny giňden açyp görkezýän, milli medeniýetimiziň, sungatymyzyň gülläp ösüşini beýan edýän eserleri sahnalaşdyrmagy tabşyrdy.

Ministrler Kabinetiniň Başlygynyň orunbasary N.Amannepesow şu ýylyň ýanwar — aprel aýlarynda bilim, ylym, saglygy goraýyş we sport ulgamlarynda ýerine ýetirilen işleriň netijeleri barada hasabat berdi.

Döwlet Baştutanymyz hasabaty diňläp, ýurdumyzyň bilim edaralarynda okatmagy kämilleşdirmegiň konsepsiýalaryna laýyklykda, bilim işini döwrebaplaşdyrmagy dowam etdirmegiň wajypdygyny aýtdy. Hormatly Prezidentimiz ylmy edaralaryň öňünde durýan möhüm wezipeler barada aýdyp, ylmy işlerde innowasion tehnologiýalary, öňdebaryjy usullary we tejribeleri önümçilige hödürlemek meselesine aýratyn üns bermegiň zerurdygyny nygtady.

Ministrler Kabinetiniň Başlygynyň orunbasary, daşary işler ministri R.Meredow şu ýylyň ýanwar — aprel aýlarynda Daşary işler ministrligi tarapyndan ýerine ýetirilen işleriň netijeleri barada hasabat berdi.

Hormatly Prezidentimiz hasabaty diňläp, sebitde we dünýäde özara bähbitli hyzmatdaşlyga, hoşniýetli goňşuçylyga esaslanýan daşary syýasaty dowam etdirmegiň wajypdygyny nygtady. Şunuň bilen baglylykda, döwlet Baştutanymyz hyzmatdaş döwletler bilen hoşniýetli, dost-doganlyk gatnaşyklaryny mundan beýläk-de ösdürmegiň zerurdygyna ünsi çekdi.

Ministrler Kabinetiniň ýanyndaky Ulag we kommunikasiýalar agentliginiň Baş direktory M.Çakyýew şu ýylyň geçen dört aýynda gözegçilik edýän pudaklarynda alnyp barlan işleriň netijeleri barada hasabat berdi.

Hormatly Prezidentimiz hasabaty diňläp, ýurdumyzyň üstaşyr ulag mümkinçiliklerinden netijeli peýdalanyp, halkara ýükleriň daşalýan möçberini artdyrmagyň zerurdygyny nygtady. Pudagyň maddy-enjamlaýyn üpjünçiligini yzygiderli döwrebaplaşdyrmak möhümdir diýip, döwlet Baştutanymyz aýtdy we agentligiň ýolbaşçysyna degişli tabşyryklary berdi.

Soňra hormatly Prezidentimiz Serdar Berdimuhamedow mejlise gatnaşyjylara ýüzlenip, Garaşsyz ýurdumyzda şu ýylyň dört aýynda ýerine ýetirilen işleriň netijeleriniň kabul edilen maksatnamalaryň üstünlikli durmuşa geçirilýändigini görkezýändigini belledi. Hasabat döwründe jemi içerki önümiň ösüş depgini 6,3 göterime deň boldy. Bu görkeziji senagat pudagynda 3,7 göterime, ulag we aragatnaşykda 7,2 göterime, hyzmatlar ulgamynda 8 göterime, söwdada 8,2 göterime, gurluşykda 5,8 göterime, oba hojalyk pudagynda bolsa 5 göterime deň boldy.

Hormatly Prezidentimiziň belleýşi ýaly, ýakyn wagtda okuwçylaryň tomusky dynç alyş möwsümi we raýatlaryň zähmet rugsady başlanýar. Şunuň bilen baglylykda, ähli jogapkär ýolbaşçylara Awazadaky myhmanhanalary, dynç alyş-sagaldyş merkezlerini, beýleki şypahanalary, welaýatlardaky hem-de Aşgabat şäherindäki çagalar dynç alyş ýerlerini tomus möwsümine talabalaýyk taýýarlamak tabşyryldy.

Mejlisde döwlet durmuşyna degişli başga-da birnäçe möhüm meselelere garaldy we olar boýunça degişli çözgütler kabul edildi.

Hormatly Prezidentimiz Serdar Berdimuhamedow Ministrler Kabinetiniň mejlisini jemläp, oňa gatnaşanlara berk jan saglyk, maşgala abadançylygyny, berkarar Watanymyzyň gülläp ösmegi ugrunda alyp barýan işlerinde uly üstünlikleri arzuw etdi.

## ПРЕЗИДЕНТ ТУРКМЕНИСТАНА ПОЗДРАВИЛ ГЕРОЯ ТУРКМЕНИСТАНА Ч.РУСТЕМОВУ

Президент Туркменистана Сердар Бердымухамедов адресовал Герою Туркменистана Чинар Рустемовой сердечные поздравления по случаю её дня рождения.

«На протяжении многих лет Вы как искусный дипломат добросовестным, самоотверженным и безупречным трудом вносите значительный вклад в процветание и приумножение авторитета Родины на мировой арене, укрепляя отношения между Туркменистаном и зарубежными странами, основанные на дружбе, доброй воле и взаимной выгоде. Вы проявили себя как верный Отечеству и родному народу гражданин, умелый -дипломат, профессионал, организатор и требовательный руководитель, который, прекрасно понимая вверенную миссию, выполняет её со всей ответственностью и наилучшим образом.

Особое внимание Вы уделяете обеспечению оте¬чественной дипломатической службы квалифицированными кадрами. Делая всё необходимое, чтобы поделиться с молодёжью своим богатым жизненным и профессиональным опытом на этом поприще, Вы как опытный дипломат вносите индивидуальный вклад в подготовку дипломатических работников.

Наша Отчизна и родной народ высоко ценят Ваш многолетний добросовестный, безупречный и усердный труд.

Вы удостоились множества государственных наград, в том числе высшей степени отличия – звания Героя Туркменистана, и эти достижения вызывают чувство гордости.

На какой бы должности ни работали, Вы проявляете самоотверженный и ответственный подход, тем самым подаёте молодому поколению образцовый пример для подражания, и благодаря этому Вы как видный дипломат снискали огромный авторитет среди сотрудников дипломатической службы нашей страны», отметил в своём послании глава государства.

Ещё раз от всей души поздравив Чинар Рустемову с днём рождения, Президент Туркменистана пожелал ей крепкого здоровья, долгих лет жизни, семейного благополучия и больших успехов в ответственной работе во имя дальнейшего повышения авторитета независимого нейтрального Туркменистана на мировой арене.

## НАЦИОНАЛЬНЫЙ ЛИДЕР ТУРКМЕНСКОГО НАРОДА, ПРЕДСЕДАТЕЛЬ ХАЛК МАСЛАХАТЫ ТУРКМЕНИСТАНА ПОЗДРАВИЛ ГЕРОЯ ТУРКМЕНИСТАНА Ч.РУСТЕМОВУ

Национальный Лидер туркменского народа, Председатель Халк Маслахаты Туркменистана Гурбангулы Бердымухамедов адресовал тёплые поздравления Герою Туркменистана Чинар Рустемовой по случаю её 70-летнего юбилея.

«Вы долгие годы усердно и самоотверженно служили Родине. Вы внесли многолетний достойный вклад в процветание страны, включения её в ряды ведущих развитых государств мира, а также обеспечение благополучной и счастливой жизни нашего народа.

Будучи высококлассным дипломатом, Вы стремились развивать взаимовыгодное и плодотворное сотрудничество нашего независимого государства со странами мира, расширяя братские и дружественные отношения. Вы проделали эффективную работу по приумножению мировой славы и авторитета нейтрального Туркменистана. Работая на различных должностях, Вы показали прекрасный пример преданного служения дорогой Отчизне и родному народу.

Как опытный и искусный дипломат, Вы проделали большую работу по воспитанию молодых дипломатических кадров нашей страны, передаче им своего богатого опыта. Вы и сегодня своим усердным трудом вносите достойный вклад в развитие страны.

Наша Отчизна высоко оценила ваш многолетний добросовестный и усердный труд. Вы были удостоены многочисленных государственных наград страны, а также звания Героя Туркменистана.

Эти высокие награды свидетельствуют о Вашем благородном труде, проделанном перед дорогой Отчизной и любимым народом. Это приумножает гордость нашего народа за свою трудолюбивую дочь», отметил в своём послании Национальный Лидер туркменского народа.

Ещё раз тепло поздравив Чинар Рустемову с днём рождения, Герой-Аркадаг пожелал ей крепкого здоровья, долголетия, благополучия и счастья семейному очагу и новых успехов в проводимой работе по дальнейшему приумножению мировой славы и авторитета независимого нейтрального Туркменистана.

Интернет газета
Международные новости

# TÜRKMENISTANYŇ PREZIDENTI BÄHERDEN SEMENT ZAWODYNYŇ IKINJI TAPGYRYNYŇ WE ÝAŞLYK SUW ARASSALAÝJY DESGASYNYŇ AÇYLYŞ DABARALARYNA GATNAŞDY

2024-nji ýylyň 8-nji maýynda hormatly Prezidentimiz Serdar Berdimuhamedow Ahal welaýatyndaky ýylda 1 million tonna sement öndürmäge niýetlenen Bäherden sement zawodynyň ikinji tapgyrynyň açylyş dabarasyna gatnaşdy.

Bu zawodyň ýokary hilli önümleri ýurdumyzda ýaýbaňlandyrylan köp sanly gurluşyklarda peýdalanylar. 2005-nji ýylda ulanmaga berlen Bäherden sement zawody Merkezi Aziýa sebitinde şunuň ýaly kärhanalaryň iň irileriniň biri bolup durýar.

Senagat toplumynyň ikinji tapgyry Türkmenistanyň Prezidentiniň Kararyna laýyklykda, «Beýik-Bina» hususy kärhanasy tarapyndan guruldy.

Şeýle hem bu taslamany durmuşa geçirmäge önümçilik işini meýilnamalaşdyrmak we dünýäniň sement senagaty üçin taslamalary dolandyrmak boýunça hyzmatlary hödürleýän Germaniýanyň «KHD Humboldt Wedag» iri inženerçilik kompaniýasy çekildi.

Täze zawod dünýäniň öňdebaryjy önüm öndürijileriniň iň täze enjamlary bilen enjamlaşdyrylandyr. Bu bolsa uly isleg bildirilýän ýokary hilli sementiň PS-400, PS-500, PS-600 görnüşlerini hem-de sulfata durnukly portland sementi öndürmäge mümkinçilik berýär.

Beýleki desgalarda bolşy ýaly, bu zawodda hem önümçiligiň ekologiýa taýdan arassalygyna we ähli bellenen kadalaryň berjaý edilmegine aýratyn üns berildi. Çünki daşky gurşawyň goraglylygy ýurdumyzda iri senagat desgalarynyň gurluşygynda aýrylmaz şertleriň biri bolup durýar.

Dabara tamamlanandan soňra, Arkadagly Gahryman Serdarymyz çärä gatnaşyjylar bilen mähirli hoşlaşyp, dikuçar meýdançasyna bardy we bu ýerden indiki täze desga — Ak bugdaý etrabynyň Ýaşlyk şäherçesinde ýerleşýän, kuwwaty bir gije-gündizde 30 müň kub metre deň bolan suw arassalaýjy desga tarap ugrady.



* * *

Döwlet Baştutanymyzyň dikuçary täze desganyň ýanyndaky dikuçar meýdançasyna gondy. Soňra hormatly Prezidentimiz dabaranyň geçirilýän ýerine tarap ugrady.

Asylly däbe görä, ýygnananlaryň el çarpyşmalary astynda hormatly Prezidentimiz Serdar Berdimuhamedow toý bagyny kesýär we täze desgany açýar.

Soňra döwlet Baştutanymyz suw arassalaýjy desganyň edara binasyna ýerleşýän dolandyryş merkezine barýar. Bu ýerde hünärmen hormatly Prezidentimizi merkeziň işi bilen tanyşdyrýar.

Hünärmen suw hojalygy pudagynyň ösdürilmegine berýän yzygiderli ünsi we pudagyň zähmetkeşleri baradaky aladalary, ýokary hilli enjamlar bilen üpjün edilen döwrebap kärhanada işlemäge döredilen mümkinçilik üçin hormatly Prezidentimize tüýs ýürekden hoşallygyny beýan edip, döwlet Baştutanymyza suw arassalaýjy desganyň işe girizilmegine ak pata bermegi baradaky haýyş bilen ýüzlenýär.

Hormatly Prezidentimiz düwmä basýar we täze desgany ulanyşa girizýär. Monitorda Ýaşlyk şäherçesindäki suw arassalaýjy desganyň tehnologik prosesleri bilen bagly wideoşekiller görkezilýär.

Täze toplum ýurdumyzyň we daşary ýurtlaryň önüm öndürijileriniň döwrebap enjamlary bilen üpjün edildi. Suw Garagum derýasyndan howdana iberilýär we bu ýerde tebigy usulda çökdürilýär. Soňra ýörite gözeneklerden geçirilip, mehaniki esasda süzülýär. Arassa agyz suwy Ýaşlyk şäherçesine, onuň ýakynyndaky obalara iberilýär. Mundan başga-da, suw sorujy enjamlar bilen arassa agyz suwy Gäwers obasyna, onuň töweregindäki ilatly ýerlere iberilýär. Ekologik howpsuzlygy üpjün etmek maksady bilen, suw arassalamagyň dowamynda emele gelen çökündiler ýörite enjamlar, şol sanda guratmak we goýaltmak üçin niýetlenen dekanter enjamy arkaly zyýansyzlandyrylýar.

Döwlet Baştutanymyz täze suw hojalyk desgasy bilen tanyşmagyny dowam edip, himiki-bakteriologik barlaghana bardy hem-de onuň enjamlaşdyrylyşy we işiniň aýratynlyklary bilen tanyşdy.

Barlaghananyň hünärmeniniň gürrüň bermegine görä, bu ýerde daşary ýurtlarda öndürilen ýokary tehnologiýaly enjamlar, şol sanda 50-den gowrak barlagy ýerine ýetirýän, hususan-da, suwdaky dürli himiki elementleri, suwuň gatylygyny anyklamak üçin barlaglary ýerine ýetirýän spektrofotometr enjamy ornaşdyrylypdyr. Turbidimetr enjamynyň kömegi bilen suwuň bulanyklyk derejesi ölçenilýär. Himiki reagentleri taýýarlamak üçin gyzdyryjy magnetiki garyşdyryjy ulanylýar.

Hünärmen ilaty arassa agyz suwy bilen üpjün etmekde uly ähmiýeti bolan bu täze desganyň işe girizilmegi, ýaşlara döwrebap kärhanalarda zähmet çekmäge döredilýän mümkinçilikler üçin hormatly Prezidentimize tüýs ýürekden hoşallyk bildirip, berk jan saglyk, uzak ömür, asylly başlangyçlarynda üstünlikleri arzuw etdi.

Hormatly Prezidentimiz desganyň edara binasyndan çykyp, pudak üçin niýetlenen täze awtoulaglaryň açarlaryny gowşurdy.

Döwlet Baştutanymyz dabara gatnaşyjylar bilen mähirli hoşlaşyp, dikuçar meýdançasyna bardy we bu ýerden Aşgabada ugrady.

# ULAG DIPLOMATIÝASY HALKARA GATNAŞYKLARYNYŇ ÖSÜŞ BINÝADY

Berkarar döwletiň täze eýýamynyň galkynyş döwründe hormatly Prezidentimiziň parasatly baştutanlygynda ýurdumyz dünýäniň iň ösen döwletleriniň hataryna goşulýar. Ata Watanymyzda il-bähbitli özgertmeler durmuşa geçirilip, halkymyzyň abadan durmuşy üpjün edilýär. Gahryman Arkadagymyzyň öňdengörüjilikli we çuňňur ynsanperwerlige ýugrulan içeri hem-de daşary syýasatynyň netijesinde durmuşyň ähli ugurlarynda, şol sanda ulag-kommunikasiýa ulgamynda giň gerimli özgertmeler durmuşa geçirilýär. Häzirki döwürde ulag-aragatnaşyk ulgamy milli, sebit we ähلumumy derejede durnukly ösmegiň esasy şertleriniň biri bolup durýar diýip, hormatly Prezidentimiz belleýär. Döwletiň ulag ulgamynyň ösüş derejesi onuň durmuş-ykdysady we tehnologiýa taýdan ösüşiniň, dünýä hojalyk gatnaşyklar ulgamyna goşulyşmagynyň möhüm görkezijisidir.

Arkadagly Gahryman Serdarymyzyň ýolbaşçylygynda gurulýan awtomobil, deňiz-derýa, howa, demir ýol ulgamlary diňe Türkmenistan döwleti üçin bähbitli bolman, Gündogar we Günbatar ýurtlary üçin hem derwaýysdyr. Türkmenistan häzirki wagtda ulag-üstaşyr geçelgeleriniň merkezi bolmak bilen, hormatly Prezidentimiziň bitaraplyk hukuk ýagdaýyna berk laýyklykda alyp barýan ynsanperwer daşary syýasaty netijesinde alys ýollar ýakynlaşyp, syýasy we ykdysady taýdan täze ösüşe eýe bolýar. «Türkmenistanyň Prezidentiniň ulag diplomatiýasyny ösdürmegiň 2022 — 2025-nji ýyllar üçin Maksatnamasynda» strategik taýdan ähmiýetli çäreler göz öňünde tutulýar. Olar, hususan-da, ýurdumyzyň ulag ulgamynyň we halkara ulag hyzmatdaşlygynyň hukuk binýadyny has-da kämilleşdirmekden, ulag ugrunda halkara guramalar bilen badalga berlen iri halkara we sebitara taslamalary durmuşa geçirmek we olaryň netijeliligini ýokarlandyrmak babatda işleri geçirmekden ybaratdyr.

Ulag ulgamy Birleşen Milletler Guramasy, onuň ýöriteleşdirilen agentlikleri bilen hyzmatdaşlyk etmegiň esasy ugurlarynyň biri bolmalydyr. Hormatly Prezidentimiz daşary syýasatynyň ýakyn ýyllar üçin kesgitlenen wezipeleriniň hatarynda ulag geçelgelerini döretmek boýunça ýurdumyzyň başlangyçlaryny işjeň durmuşa geçirmek we Merkezi Aziýany kontinent ähmiýetli iri üstaşyr geçiriş çatrygyna öwürmek barada tagallalar edýär. 2016-njy ýylyň noýabrynda Aşgabatda geçirilen Durnukly ulag ulgamy boýunça Ähلumumy maslahaty ulag meselesi boýunça giň halkara gatnaşyklaryny iş ýüzünde durmuşa geçirmekde badalga öwrüldi.

Şeýle halkara derejeli ýollaryň gurulmagy halklary ykdysady, medeni taýdan biri-birine ýakynlaşdyrýar we dostlaşdyrýar. Ýurdumyzyň içerki ulag-aragatnaşyk pudagynda hem aýratyn öňe gidişlikler bar. Ýagny Aşgabat bilen Daşoguz aralygynda täze, örän oňaýly awtomobil ýolunyň gurlup ulanmaga berilmegi bu ugurda birnäçe ýeňillikleriň döremegine getirip, daş ýollary ýakynlaşdyrdy. Şol sanda bu ýoluň gurulmagy çöli özleşdirmek, onuň ugrunda ilatly ýerleri döretmek ýaly wezipeleriň hem ýerine ýetirilmegini üpjün edýär. Aşgabat-Mary-Türkmenabat aralygyndaky awtomobil ýolunyň hem durky täzelenip, onuň ugrunda birnäçe täze geçelgeler guruldy. Ýurdumyzyň içerki ulag ulgamynyň hukuk binýady bolup, “Demir ýol ulagy hakynda”, “Awtomobil ýollary we ýol işi hakynda”, “Awtomobil ulagy hakynda”, “Ulag howpsuzlygy hakynda” Türkmenistanyň kanunlary we Türkmenistanyň Howa, Türkmenistanyň Söwda deňiz gatnawynyň kodeksleri hereket edýär.

Hormatly Prezidentimiziň alyp barýan syýasaty dünýä bileleşiginiň goldaýandygynyň, halkara guramalarynyň, ilkinji nobatda bolsa Birleşen Milletler Guramasynyň we onuň düzümleriniň ykrarnamalarynyň mysallary, şeýle hem ýokary wezipeli ýolbaşçylaryň berýän bahasy arkaly göz ýetirmek bolýar. Bu ugurda özara bähbitlere esaslanýan, abadançylygyň maksatlaryna laýyk gelýän bilelikdäki iri taslamalary üstünlikli durmuşa geçirmek döwlet syýasatynyň baş ugurlarynyň biri hökmünde öz geografiki meýdanyny giňeldýär.

Diýarymyzda ulag-aragatnaşyk ulgamynyň ýene-de bir pudagy Türkmenistanyň raýat awiasiýasynyň halkara derejede ösmegine aýratyn üns berilýär. “2012-2030-njy ýyllarda Türkmenistanyň raýat awiasiýasyny ösdürmegiň milli maksatnamasyna” laýyklykda paýtagtymyzda we welaýatlarda täze howa menziliniň gurluşygy alnyp barylýar we ozal bar bolanlary döwrebaplaşdyrylýar. Gözel paýtagtymyz Aşgabat şäherinde 2016-njy ýylyň 17-nji sentýabrynda açylyp, ulanmaga berlen döwrebap halkara howa menzili bu ugurda alyp barýan uly işlerimiziň aýdyň mysalydyr. Bu desganyň binagärlik çözgüdiniň özboluşlylygy, bu ägirt uly howa menziliniň enjamlaşdyrylyşy we işiniň guralyşy üçin ähmiýetli halkara sylaglara mynasyp bolandygyny bellemek gerek.

Durnukly ösüşiň maksatlaryny durmuşa geçirmekde, multimodal, ýagny ulagyň ähli görnüşlerini öz içine alýan üstaşyr geçelgeleri döretmekde Ýewraziýa giňişliginde sebitara we yklymara gatnaşyklary üstaşyr ulag gatnawlaryny artdyrmagy işjeňleşdirmek meseleleri aýratyn möhümdir. Ýurdumyzda ulag-üstaşyr geçelgeleriniň halkara hukuk binýady bolup, halkara konwensiýalar, şertnamalar, ylalaşyklar, teswirnamalar we memorandumlar çykyş edýär.

Gadymy ýoluň ugrunda ýerleşen ýurtlaryň arasynda hyzmatdaşlygyň hem-de dostlugyň berk köprüsini alamatlandyrýan ulaglar ulgamy aýratyn orna eýe bolup durýar. Bu ugurda esasy orun Türkmenistan döwletiniň paýyna düşýär. Beýik Ýüpek ýolunyň dikeldilmegi sebitiň ýurtlarynyň ykdysadyýetiniň ösüşini täze derejä götermäge, halklaryň hal-ýagdaýyny gowulandyrmaga, ösüşiň gazananlaryny ulanmaga mümkinçilik berer. “Durnuklylyk we netijelilik” diýen güwänama bolsa Türkmenistanyň senagaty ösdürmekdäki nusgalyk işlerine berlen halkara ykrarnama bolup durýar.

Ulag-üstaşyr geçelgesiniň durnukly ösüşi üçin halkara hyzmatdaşlygy üpjün etmek barada ýurdumyzyň hödürlän Rezolýusiýasyny BMG-niň Baş Assambleýasy iki gezek kabul etdi. Türkmen halkymyzyň taryhy-medeni mirasy hasaplanýan bu ýoluň dikeldilmeginiň berkarar döwletimiziň söwda aragatnaşygyny ösdürmek, goňşy döwletler bilen hyzmatdaşlyk hem-de dost-doganlyk gatnaşyklaryny giňeltmekde galyberse-de, ýurdumyzyň ykdysady kuwwatyny pugtalandyrmakda ähmiýeti uludyr. Hormatly Prezidentimiziň öňden görüjilikli, paýhasly syýasaty, başlangyjy esasynda ýokarda agzalan mümkinçilikleri durmuşa geçirip, transmilli demir, awtomobil ýollary, döwrebap uçarlary we täze howa menzilleri, sebitde iri paromlary we beýleki mümkinçilikleri bolan halkara logistik merkezine öwrülýär.

***Rahym AKMURADOW,***
***Türkmenistanyň Daşary işler ministrliginiň Halkara gatnaşyklary institutynyň Halkara gatnaşyklary we diplomatiýasy kafedrasynyň mugallymy.***

Интернет газета
Международные новости

# СОСТОЯЛОСЬ ПЕРВОЕ ЗАСЕДАНИЕ СТРАТЕГИЧЕСКОГО КОНСУЛЬТАТИВНОГО СОВЕТА «ТУРКМЕНИСТАН-ООН»

3 мая 2024 года в Министерстве иностранных дел Туркменистана в гибридном формате состоялось первое заседание Стратегического консультативного совета «Туркменистан-ООН».

В соответствии с программой заседание Совета проводилось в рамках двух сессий. В ходе первой сессии были обсуждены вопросы предстоящих шагов по подготовке Рамочной программы сотрудничества в области устойчивого развития между Туркменистаном и ООН (ЮНДАФ) на период 2026-2030 гг. Во второй сессии стороны обменялись мнениями по перспективам развития сотрудничества в области устойчивого развития, в том числе совместных проектов. В целях создания условий для системной работы также рассмотрен вопрос о разработке механизма взаимодействия в рамках Стратегического консультативного совета.



В ходе заседания была утверждена Дорожная карта по разработке новой Рамочной программы сотрудничества в области устойчивого развития между Туркменистаном и ООН на период 2026-2030 гг., а также рассмотрены 8 проектов в области молодежной политики, цифровизации, демографии, зеленой энергетики, изменения климата и в других сферах.

В завершение встречи состоялась церемония подписания документов в сфере охраны окружающей среды, здравоохранения, сельского хозяйства, а также в других важнейших направлениях:

1. Меморандум о взаимопонимании между Правительством Туркменистана и Программой ООН по Населенным пунктам;

2. Проект документа между Министерством охраны окружающей среды Туркменистана и Продовольственной и сельскохозяйственной организацией ООН «Наращивание потенциала для климатоустойчивого управления водными ресурсами»;

3. Проект документа между Министерством сельского хозяйства Туркменистана и Продовольственной и сельскохозяйственной организацией ООН «Разработка цифровых решений для устойчивого управления пастбищами»;

4. Проект документа между Министерством финансов и экономики Туркменистана и Продовольственной и сельскохозяйственной организацией ООН «Развитие производственно-сбытовой цепочки кормов для аквакультур и эффективности управления защиты здоровья водных животных»;

5. Соглашение о закупке продукции медицинского назначения для контроля инфекционных болезней в 2024-2025 гг. для Министерства здравоохранения и медицинской промышленности Туркменистана между Правительством Туркменистана и Программой развития ООН;

6. Проект документа между Академией государственной службы при Президенте Туркменистана и Программой развития ООН «Повышение потенциала Академии государственной службы при Президенте Туркменистана».



## *Торжественное чествование видного дипломата – наставника*

4 мая 2024 года в Институте международных отношений МИД Туркменистана состоялась торжественная церемония в честь 70-летия Героя Туркменистана, Ответственного секретаря Национальной комиссии Туркменистана по делам ЮНЕСКО Чинар Рустемовой.

На мероприятии приняли участие Заместитель Председателя Кабинета Министров, Министр иностранных дел Туркменистана Рашид Мередов, вице-президент Гуманитарной ассоциации туркмен мира, исполнительный директор Благотворительного фонда по оказанию помощи нуждающимся в опеке детям имени Гурбангулы Бердымухамедова Реджеп Базаров, представители Министерства иностранных дел Туркменистана, профессорско-преподавательский состав и студенческая молодежь института.

В ходе мероприятия участники подчеркнули, что Ч.Рустемова как искусный дипломат своим добросовестным, самоотверженным и безупречным трудом вносит значительный вклад в процветание и приумножение авторитета Родины на мировой арене, укрепляя отношения между Туркменистаном и зарубежными странами, основанные на дружбе, доброй воле и взаимной выгоде.

В завершение церемонии дипломату были вручены ценные и памятные подарки от имени Президента Туркменистана Сердара Бердымухамедова, Национального Лидера туркменского народа, Председателя Халк Маслахаты Туркменистана Гурбангулы Бердымухамедова, Министерства иностранных дел Туркменистана и Института международных отношений МИД Туркменистана.




# The XIII International Investment Forum took place in Abu Dhabi

From May 7 to May 9, 2024, the delegation of Turkmenistan led by the Chairman of the State Bank for Foreign Economic Activities of Turkmenistan R.Djepbarov took part in the XIII International Investment Forum and Exhibition in Abu Dhabi.

This large-scale investment forum annually brings together government representatives, business leaders, investors, policymakers, experts, as well as key industry players interested in solving global problems, promoting investment and accelerating global economic recovery.

On the sidelines of the event, representatives of the Turkmen delegation held a number of bilateral meetings with foreign partners, including delegations from Azerbaijan, Kazakhstan, Uzbekistan, and the United Arab Emirates.

The agenda of the meetings included such current topics as the development of economic relations between countries, the efficient use of natural resources, the development of energy markets, attracting investments in mutually beneficial large-scale projects, new mechanisms for contacts in the field of increasing productivity at the largest fields, the introduction of environmentally friendly production, innovative technologies and know-how.

## A MEETING WAS HELD AT THE MFA OF TURKMENISTAN WITH THE HEAD OF THE TURKMEN-AUSTRIAN SOCIETY

**On May 7, 2024, at the Ministry of Foreign Affairs of Turkmenistan, Deputy Minister Myahri Byashimova met with the head of the Turkmen-Austrian Society Neda Berger.**

**The parties noted the high level of cooperation between Turkmenistan and Austria, noting the fruitful and effective**



**interaction in the field of culture. In this context, the importance of events in which representatives of the culture and art of Turkmenistan and Austria take an active part was emphasized. A striking example of cultural dialogue with the participation of the Turkmen-Austrian society is the regular holding of the Vienna Ball and concerts of the Turkmen-Austrian "Galkynysh" Symphony Orchestra in Turkmenistan.**

**The sides also discussed the participation of the Austrian side in events dedicated to the 300th anniversary of the birth of the great Turkmen poet and thinker Magtymguly Fragi.**

## Özbegistanyň paýtagtynda «Magtymguly Pyragy – türkmen we özbek halklarynyň umumy mirasy» atly halkara maslahat geçirildi

2024-nji ýylyň 2-nji maýynda Özbegistan Respublikasynyň Ýazyjylar birleşiginiň binasynda beýik türkmen şahyry we akyldary Magtymguly Pyragynyň doglan gününiň 300 ýyllygyna bagyşlanyp «Magtymguly Pyragy – türkmen we özbek halklarynyň umumy mirasy» atly halkara maslahat geçirildi.

Maslahat Türkmenistanyň Özbegistan Respublikasyndaky Ilçihanasy tarapyndan Daşkent şäherindäki Türkmen medeniýetiniň respublikan merkezi we Özbegistan Respublikasynyň Ýazyjylar birleşigi bilen bilelikde guraldy. Çärä Özbegistanyň Daşary işler, Medeniýet ministrlikleriniň, Ylymlar akademiýasynyň, Medeniýet ministrliginiň ýanyndaky Daşary ýurtlar bilen milletara we dostlukly gatnaşyklar boýunça komitetiniň ýolbaşçylary, tanymal magtymgulyşynas alymlar, şeýle-de ýokary okuw mekdepleriniň mugallymlary we talyp ýaşlary gatnaşdylar.

Maslahatyň işiniň öňüsyrasynda oňa gatnaşyjylar Daşkent şäherinde ýerleşýän Magtymguly Pyragynyň we Alyşir Nowaýynyň barelýeflerine gül desselerini goýdular we Özbegistanyň Ýazyjylar birleşiginiň binasynda guralan sergini synladylar.

Halkara maslahatynda ÝUNESKO-nyň işleri barada Türkmenistanyň milli toparynyň jogapkär sekretary Ç.Rustemowa, Türkmenistanyň Özbegistan Respublikasyndaky Adatdan daşary we Doly ygtyýarly Ilçisi Ş.Meredow, Özbegistan Respublikasynyň Ýazyjylar birleşiginiň başlygy S.Saidow, Özbegistan Respublikasynyň Medeniýet ministrliginiň ýanyndaky Daşary ýurtlar bilen milletara we dostlukly gatnaşyklar boýunça komitetiniň başlygy R.Kurbanow, Ylymlar akademiýasynyň wise-prezidenti B.Abduhalimow, şeýle-de Daşkent şäherindäki Türkmen medeniýetiniň respublikan merkeziniň başlygy G.Awezdurdyýewa çykyş etdiler.

Maslahatyň dowamynda çykyş edenler iki doganlyk ýurduň halklarynyň arasyndaky medeni-ynsanperwer gatnaşyklaryň soňky ýyllarda hil taýdan täze derejä çykandygyny bellediler. Şol bir wagtyň özünde, Magtymguly Pyragynyň döredijilik mirasyny öwrenmek babatynda soňky ýyllaryň dowamynda iki ýurduň alymlary tarapyndan bilelikde amala aşyrylan ylmy barlaglaryň netijelerine aýratyn üns berildi. Şeýle-de maslahata gatnaşyjylar goşgulary köp sanly daşary ýurt dillerine terjime edilen Magtymguly Pyragynyň şygryýetiniň häzirki zaman şertlerinde parahatçylyk medeniýetini ilerletmekdäki orny dogrusynda durup geçdiler.

Halkara maslahatyň çäklerinde Ürgenç we Daşkent şäherlerinde türkmen we özbek artistleriniň gatnaşmagynda bilelikdäki konsertler guraldy.

# НОВОСТИ МИРА И РЕГИОНА

### *Делегация японского парламента посетит Туркменистан 12-14 мая*

Делегация японского парламента прибудет с трехдневным визитом в Туркменистан 12 мая. Ее возглавит председатель японо-туркменской межпарламентской группы дружбы, член Палаты представителей Парламента Японии Тошиаки Эндо, об этом сообщил посол Японии Хироши Сасаки во время встречи с представителями Меджлиса Туркменистана в среду, 1 мая.

В ходе встречи были обсуждены ключевые вопросы сотрудничества в рамках парламентской группы дружбы. Посол Хироши Сасаки высказал мнение, что предстоящий визит японских парламентариев станет большим вкладом в развитие двустороннего сотрудничества и диалога по линии законодательных органов.

### *В Ашхабаде пройдет международный студенческий конкурс на тему культуры мирного диалога*

Министерство образования Туркменистана и Институт международных отношений Министерства иностранных дел Туркменистана проводят Международный конкурс «Международные отношения: культура мирного диалога» и Брейн-ринг среди студентов высших учебных заведений стран Центральной Азии, Прикаспийских государств, Турции и Китая.

Мероприятия состоятся в туркменской столице с 22 по 25 мая. В состав жюри олимпиады войдут преподаватели вузов-участников и представители научных учреждений Туркменистана и зарубежных стран.

Победители конкурса будут награждены медалями и дипломами соответствующих степеней, а также почетными грамотами и подарками.

### *В Риме обсуждены вопросы взаимодействия Туркменистана с ФАО*

В штаб-квартире Продовольственной и сельскохозяйственной организации ООН (ФАО) в Риме состоялась встреча Чрезвычайного и Полномочного посла Туркменистана в Итальянской Республике Тойлы Комекова с главой отдела кадров ФАО Сержом Накузи.

Тойлы Комеков дал высокую оценку деятельности Организации и выразил намерение Туркменистана развивать с ней эффективное сотрудничество, нацеленное на использование лучших мировых практик в области устойчивого развития сельского хозяйства и обеспечения продовольственной безопасности.

Отдельной темой для обсуждения стал вопрос о прохождении стажировки представителей Туркменистана в различных сферах ФАО, подготовки квалифицированных кадров в области сельского хозяйства, изменения климата, управления водными ресурсами и борьбы с опустыниванием.

### *Туркменские фильмы удостоены специальных наград международного кинофестиваля в Турции*

2–3 мая 2024 года в городе Измир Турецкой Республики прошел международный кинофестиваль «Туран», организованный Международной организацией тюркской культуры (ТЮРКСОЙ) и Министерством культуры и туризма Турции.

В рамках конкурсной программы кинофестиваля были представлены 1055 фильмов из 77 стран мира. Киностудия «Туркменфильм» имени Огузхана представила на фестивале три картины — ленты «Ol Rumystany görsem» режиссера Х.Аловова, «Umyt» режиссера И.Аннамухаммедова и «Meniň kakam» режиссера А.Эебердыева.

В ходе мероприятия две картины из Туркменистана «Ol Rumystany görsem» и «Umyt» были удостоены специальных наград и дипломов жюри международного кинофестиваля «Туран».

***Материалы подготовлены на основе интернет-источников.***